Funded by the European Union

BOMCA | БОМКА
BORDER MANAGEMENT PROGRAMME IN CENTRAL ASIA
ПРОГРАММА СОДЕЙСТВИЯ УПРАВЛЕНИЮ ГРАНИЦАМИ В ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

State Border Guard Republic of Latvia

# Netijeli aragatnaşyk

***MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNYŇ SERHETÝAKA SEBITLERINDÄKI ÝERLI ÖZ-ÖZÜNI DOLANDYRYŞ EDARALARY ÜÇIN TAÝÝARLANAN AMALY GOLLANMA***

## 2024-nji ýylyň Ýanwar aýy

Ministry of Interior Hungary
Food and Veterinary Service Republic of Latvia
State Border Guard Service Republic of Lithuania
ICMPD International Centre for Migration Policy Development
State Revenue Service Republic of Latvia
1862 Riga Technical University
Border Guard Republic of Poland
Central Directorate for Immigration and Border Police Italian Republic

Merkezi Aziýada Serhetleri Dolandyrmak boýunça Maksatnamasy (BOMCA) – 10-njy tapgyry
www.bomca-eu.org

Ähli hukuklar goralandyr. Bu neşiriň hiç bir bölegi awtorlyk hukugynyň eýelerinden birugsat gaýtadan işlenilip, nusgalanylyp ýa-da islendik şekilde ýa-da islendik elektron ýa-da mehaniki serişdäniň, şol sanda, fotonusgalama, ýazgy ýa-da isledik maglumat saklaýjy we gözleg ulgamynyň kömegi bilen başga birine geçirilip bilinýän däldir.

Bu neşir Ýewropa Bileleşigi tarapyndan maliýeleşdirilýär. Onuň mazmuny boýunça ýeke-täk jogapkärçilik BOMCA 10 maksatnamasyna degişlidir we hökmany suratda Ýewropa Bileleşiginiň pikirini beýan edýän däldir.

## Minnetdarlyk

Merkezi Aziýada Serhetleri Dolandyrmak boýunça Maksatnamasynyň (BOMCA 10) 10-njy tapgyrynyň *4-nji aýratyn bölegíniň* çäginde 2023-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda “**Netijeli aragatnaşyk: Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhetýaka sebitlerindäki ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin amaly seminar”** ady bilen geçirilen çäräniň netijeleriniň biri hem bu gollanma boldy.

Maksatnamanyň 4-nji aýratyn bölegi ***adam hukuklaryna, gender deňligine we gowşak goragly toparlara üns bermek bilen ýerli ykdysady ösüş arkaly serhetýaka sebitlerinde ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen serhetara hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilendir***. Maksatnamanyň anyk maksatlarynyň durmuşa geçirilmegi Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlygy, durnuklylygy we durnukly ösüşi ýokarlandyrmak, şeýle hem serhetara hyzmatdaşlygy goldamak we Merkezi Aziýanyň serhetýaka sebitlerinde ýaşaýan adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak baradaky umumy maksatlaryna ýetmäge kömek edýär. Geçirilen amaly okuw hyzmatdaşlaryň aragatnaşyk işjeňligini şol sanda serhetýaka sebitlerinde ýaşaýan ýerli ilat bilen göni aragatnaşyk saklamak mümkinçiliklerini gowulandyrmak maksady bilen hyzmatdaşlary goldamak ugrundaky Maksatnamanyň tagallalarynyň bir bölegine öwrüldi.

Seminar iki ýurtda geçirildi: birinji iki güni – Gyrgyzystanyň Oş şäherinde (2023-nji ýylyň 30-31-nji ýanwary), ondan soň gatnaşyjylar tanyşlyk maksady bilen Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhedindäki “Dostuk” we “Dustlik” barlag-geçiş nokatlaryna baryp gördüler, dördünji we bäşinji günleri Andijanda geçirildi (2 – 3-nji fewral). Seminara öz sebitlerindäki ilata gönüden-göni maglumat we beýleki hyzmatlary berýän Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhetýaka sebitleriniň ýerli häkimiýet edaralarynyň ýolbaşçylary ýa-da orunbasarlary gatnaşdylar.

Çäräniň BGN-a we serhetýaka sebitlere baryp görmek bilen iki şäherde geçirilmeginiň maksady maglumat alyş-çalşygyny gowulandyrmakdan, ýerli ilat bilen işleşmekden ybarat boldy, bu bolsa gatnaşyjylara serhetden geçilende, ýerde iki tarapyň hem ýerli şertlerine, şeýle-de iki tarapyň hem ýüzbe-ýüz bolýan kynçylyklaryna has gowy düşünmäge mümkinçilik berdi.

BOMCA 10 maksatnamasy, şeýle hem Maksatnamanyň bilermenleri we bu amaly gollanmanyň awtorlary **hanym Aýgul Bolotowa, hanym Irina Çistýakowa we jenap Daýnýus Radzewiçus** Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhetýaka sebitleriniň ýerli häkimiýet edaralarynyň wekillerine seminara işjeň gatnaşandyklary we açyk tejribe alyşandyklary üçin aýratyn minnetdarlyk bildirýärler. Şeýle hem awtorlar Ýewropa Bileleşigine bu başlangyjy durmuşa geçirmekde beren maliýe goldawy üçin, şeýle-de BOMCA 10 Maksatnamasynyň toparyna çäräni taýýarlamakda we geçirmekde beren goldawy üçin minnetdarlyk bildirýärler.

## Gysgajyk netije

Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň wekilleri dürli görnüşli aragatnaşyklara yzygiderli gatnaşýarlar we hersiniň artykmaçlyklaryndan we mümkinçiliklerinden peýdalanmagy başarmalydyrlar.

Bu amaly gollanma aragatnaşygyň esaslary, elementleri we kanallary barada jikme-jik maglumat berýär, şeýle hem gerekli netijä ýetmek maksady bilen maglumaty alyja ýetirip bilmek ukybyny öz içine alýan aragatnaşygyň netijeli ýörelgelerini, şeýle hem netijeli aragatnaşygy döretmäge kömek berýän başarnyklary we şahsy häsiýetleri gözden geçirýär. Gollanma Merkezi Aziýa ýurtlarynyň serhetýaka sebitleriniň ilaty bilen işleýän ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin gerekli aragatnaşyklaryň netijeliligini ýokarlandyrmagyň usullaryny hödürleýär. *Bu maglumatlar amaly gollanmanyň **birinji babynda** berilýändir.*

*Gollanmanyň **ikinji baby*** aragatnaşyk strategiýasynyň nämedigini düşündirýär we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna serhetýaka ýerleriň ilaty bilen netijeli aragatnaşyk gurmaklary üçin iş resminamasy hökmünde ulanmagy teklip edýär. Bu bapda aragatnaşygyň gurluşyna, maksatlarynyň we wezipeleriniň kesgitlemesine, maksatly diňleýjilerine we onuň segmentasiýasyna, şeýle hem aragatnaşykda strategiki çemeleşmeleriň işlenip düzülişine, aragatnaşyk meýilnamasynyň we aragatnaşyk maksatlaryna ýetmek üçin görkezijileriň taýýarlanylyşyna jikme-jik seredilýär. Mundan başga-da, bu bap aragatnaşyk işiniň näderejede netijeli bolandygyny we ony nähili bahalandyrmalydygyny kesgitlemäge kömek berýän “Monitoring etmek we bahalandyrmak” bölümini öz içine alýar.

Her bölümiň soňunda amaly ýumuşlar berilýär, olar okyja öwrenilen material boýunça iş geçirmäge we ony tejribede ulanmaga kömek eder.

"Goşmaça çeşmeler" bölüminde aragatnaşyk işleriniň, şol sanda migrasiýa ulgamynda gurluşy bilen has jikme-jik tanyşmak isleýänler üçin peýdaly bolup biljek çeşmelere çykgytlar hödürlenýär.

# MAZMUNY


Gysgaltmalaryň we gysgaldylan sözleriň sanawy 6
Giriş 7
**1-nji Bölüm. Aragatnaşygyň esaslary 8**
**2-nji Bölüm. Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň işlerinde strategiki aragatnaşyklar 12**
Netije **233**
Goşmaça çeşmeler **244**

## Gysgaltmalaryň we gysgaldylan sözleriň sanawy

| | |
|---|---|
| **BOMCA 10** | Merkezi Aziýada Serhetleri Dolandyrmak boýunça Maksatnamasy (BOMCA) – 10-njy tapgyr |
| **ÝK** | Ýewropa Komissiýasy |
| **ÝB** | Ýewropa Bileleşigi |
| **BGN** | Barlag-geçiş nokady |

# Giriş

Bu amaly gollanma Merkezi Aziýada Serhetleri Dolandyrmak boýunça Maksatnamasynyň – 10-njy tapgyrynyň (BOMCA 10) çäginde işlenip taýýarlandy. Maksatnamanyň 10-njy tapgyry 2021-nji ýylyň aprel aýynda başlady we häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigi tarapyndan maliýeleşdirilýän sebitde iň öňdebaryjy we iri maksatnamalaryň biridir. Bu tapgyryň ýerine ýetiriliş dowamlylygy 54 aýdyr.

2003-nji ýylda BOMCA maksatnamasy işläp başlaly bäri, onuň esasy işi mümkinçilikleri ýokarlandyrmaga we institusional ösüşi üpjün etmäge, serhetleri dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmäge we neşeleriň bikanun dolanyşygyny ýok etmäge, Merkezi Aziýa sebitinde söwda ýollaryny ösdürmäge we söwdany ýeňilleşdirmäge gönükdirilendi. Indiki tapgyrlaryň her birisi öňki tapgyryň çäginde ýetilen netijeleri göz öňünde tutup işlenip taýýarlanylýardy.

Şeýlelik bilen, maksatnamanyň 10-njy tapgyry, ***ykdysadyýetiň durnukly ösmegine we serhetleriň bilelikde dolandyrylmagyna ýardam etmek arkaly sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Mundan başga-da häzirki hereket edýän tapgyry serhetara hyzmatdaşlygyny goldaýar we Merkezi Aziýanyň serhetýaka sebitlerinde ýaşaýan adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagy maksat edinýär.***

Maksatnamanyň 4-nji aýratyn bölegi ***adam hukuklaryna, gender deňligine we gowşak goragly toparlara üns bermek bilen ýerli ykdysady ösüş arkaly serhetýaka sebitlerinde ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen serhetara hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilendir.*** Edil şonuň ýaly-da bu aýratyn bölüm ýerli häkimiýetler, raýat jemgyýetleri we hökümete dahylsyz guramalar bilen işleşmäge gönükdirilendir. Serhetara hyzmatdaşlygy goldamak, şeýle hem ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň serhetýaka sebitleriň ilaty bilen işlemek mümkinçiligini pugtalandyrmak we ilata berilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak maksatnamanyň aýratyn böleginiň wezipelerinden biridir.

Serhetýaka sebitleriň ilaty bilen işleýän ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň işgärleri üçin netijeli aragatnaşygyň ähmiýetini göz öňünde tutmak bilen, BOMCA 10 maksatnamasy serhediň iki tarapyndaky ilat bilen işleýän ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň wekilleriniň arasynda hünär başarnyklarynyň ösdürilmegini işjeň goldaýar. Iki ýurduň ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň wekilleri üçin Gyrgyzystanyň Oş şäherinde we Özbegistanyň Andijan şäherinde “Netijeli aragatnaşyk: Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhetýaka sebitlerindäki ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin amaly seminar” ady bilen geçirilen çäre BOMCA 10 maksatnamasy tarapyndan bu ugurda berilýän goldawyň bir bölegi boldy.

Tälim okuw-seminarynyň ahyrky maksady gatnaşyjylaryň aragatnaşyk endiklerini ýokarlandyrmakdan, has netijeli aragatnaşygy üpjün etmekden, serhetýaka sebitleriň ilatynyň habardarlygyny gowulandyrmakdan, şeýle hem aragatnaşyk işini netijeli we strategiki taýdan meýillnamalaşdyrmakdan ybarat boldy. 5 günüň dowamynda gatnaşyjylar, aragatnaşyk strategiýasyny işläp düzmek, maksatly diňleýjileri kesgitlemek, olaryň segmentasiýasy we ýerli derejede aragatnaşyk işlerini meýilleşdirmek boýunça diňe bir teoriýa bilimlerini almak bilen çäklenmän eýsem şol bilimleri tejribede hem ulanmak mümkinçiligini aldylar.

Bu ***amaly gollanma,*** döwlet edaralarynyň ýerli derejede aragatnaşyk işlerini gowulandyrmak maksady bilen işlenip taýýarlanyldy. Gollanmada aragatnaşyk ulgamynda iş alyp barmak, şeýle hem ilat bilen aragatnaşygy gurnamak boýunça amaly maslahatlar berilýär. Hödürlenýän material tälim okuw-seminara taýýarlygyň çäginde awtorlar-bilermenler toparynyň taýýarlan ylmy işlerine esaslanýar, we seminara gatnaşyjylaryň alan bilimlerini ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryndan kärdeşlerine geçirmek üçin gural hökmünde ulanylyp bilner.

# 1-nji Bap. Aragatnaşygyň esaslary

## 1.1.-nji bölüm. Aragatnaşyk näme

**Aragatnaşyk** - (lat. - communication - arabaglanyşyk, baglanyşyk) bu iki ýa-da ondan köp adamlaryň arasynda maglumat alyşmak **prosesi**.

Arabaglanyşyga gatnaşyjylara we olaryň özara hereket etmeginiň häsiýetine baglylykda aragatnaşygyň 3 görnüşini tapawutlandyryp bolýar.

***Şahsyýetleriň arasynda*** – bu iki ýa-da ondan köp adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk (kärdeşleriň arasynda telefon aragatnaşygy, nahar wagtyndan gepleşikler, syýahat edýän ýoldaşlaryň söhbetdeşligi, şahsy iş duşuşyklary, ene-atalar bilen çaganyň arasyndaky söhbetdeşlik, köçede iki sany nätanyş ýolagçynyň arasynda tötänleýin söhbetdeşlik, we ş.m.). Aragatnaşygyň bu görnüşinde prosese gatnaşyjylaryň şahsy aýratynlyklary aýratyn möhümdir, onuň netijeliligi bolsa gatnaşyjylaryň biri-birlerini nähili kabul edýändiklerine baglydyr.

***Toparlaýyn*** – haçanda şahsyýet hökmünde aýry-aýry adamlar däl-de aýratyn jemgyýetçilik toparlaryň wekilleri özara hereket edýärler (guramanyň bölümleriniň ýolbaşçylarynyň ýygnagy, kompaniýalarda gysgajyk ýygnaklar, leksiýalar, sport ýaryşlary, ýerli öz-özüni dolandyryş edarasynyň wekili bilen ýaşaýjylaryň arasyndaky gepleşik we ş.m.). Aragatnaşygyň bu görnüşinde gatnaşyjylar ilki bilen toparynyň maksatlaryndan, kadalaryndan we düzgünlerinden ugur alyp öz toparynyň bähbitlerini wekillendirýär.

***Köpçülikleýin*** - oňa adamlaryň näbelli sany gatnaşýar, üstesine-de olaryň şahsy ýa-da toparlaýyn häsiýetleriniň ähmiýeti ýokdur, sebäbi aragatnaşygyň bu görnüşindäki habarlar şahsyýetler, toparlar üçin däl-de, eýsem adamlaryň köpçüligi ýaly diňleýjiler üçin niýetlenendir. Köpçülikleýin aragatnaşygyň diňleýjileri jynsy, ýaşy, käri, etniki degişliligi, ýaşaýan ýeri, durmuş-ykdysady ýagdaýy ýaly aýratynlyklardan emele gelýär (mysal üçin, kino tomaşaçylary, gazet ýa-da Telegram kanalynyň okyjylary, sosial ulgamlardaky sahypalara girýänler, radio diňleýjiler we ş.m.).

Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň işgärleri aragatnaşyklaryň dürli görnüşlerine yzygiderli gatnaşýarlar, we olaryň her birisiniň artykmaçlyklaryndan we mümkinçiliklerinden peýdalanmagy başarmalydyrlar.

Munuň üçin, olar **ilki bilen aragatnaşygyň esasy elementlerini nädip kesgitlemelidigini öwrenmeli,** bular:

**Ugradyjy** – ugradylýan maglumatlaryň çeşmesi bolan adam (ýa-da gurama).

**Kabul ediji** – ugradylýan maglumatlary kabul etmeli, şeýle hem oňa dogry düşünmeli adam (topar ýa-da diňleýjiler).

**Habar** – mümkin boldugyça takyk we düşnükli görnüşde beýan edilen, berilýän maglumat.




Mundan başga-da, islendik özara hereket etmekde aragatnaşyk kanaly ýaly elementi tapawutlandyryp bolýar.

**Aragatnaşyk kanaly**- bu guralyň kömegi bilen ugradyjy kabul edijä (adama, topara ýa-da maksatly diňleýjä) habary berýär. Aragatnaşygyň görnüşine baglylykda şeýle kanallar hem tapawutlanýar: ýüzbe-ýüz söhbetdeşlik (şahsyýetleriň arasynda), ýerli jemgyýetde (toparlaýyn) ýygnakda göni duşuşyklar ýa-da sosial ulgamlarynda hasabyňyzdaky agzalar üçin göni ýaýlym (köpçülikleýin).

Ýene-de bir möhüm zat: kanala baglylykda, biz habarlaşmagyň iň netijeli görnüşini saýlaýarys - söhbetdeşlik, köpçüligiň öňünde çykyş etmek, gysga wideo we ş.m. Aragatnaşykda netijeli bolmagyň usullarynyň biri hem özüňiz üçin iň amatly görnüşi saýlamakdan we maksadalaýyk şekilde ulanmakdan ybaratdyr.

***Ýumuş***: *Işiňiziň dowamynda aragatnaşygyň şahsyýetleriň arasyndaky, toparlaýyn ýa-da köpçülikleýin görnüşlerine gatnaşan ýagdaýyňyzy ýada salyň we mysal getiriň. Habaryňyzy haýsy formatda berdiňiz (çykyş etmek, messenžerde habar bermek, hat, sosial ulgam sahypasynda ýazgy, wideorolik we ş.m.)? Haýsy formatda siz has ynandyryjy diýip pikir edýärsiňiz? Näme üçin?*

## 1.2.-nji bölüm Netijeli aragatnaşygyň esasy ýörelgeleri

**Netijeli aragatnaşyk** - islenilýän netijä ýetmek maksady bilen maglumaty kabul edijä ýetirip bilmek ukyby. Aragatnaşygyň görnüşine we diňleýjileriň aýratynlyklaryna baglylykda saýlaýan maglumatlaryňyzy gaýtadan işlemegiň we geçirmegiň dürli usullary bar. Iň möhüm **wezipe bolsa maglumaty kabul edijileriň aragatnaşyk prosesine köp goşulmagyny gazanmakdan ybaratdyr.**

Muňa ýetmek mümkin, eger maglumatyň ugradyjydan kabul edijä geçiriliş prosesi berilýän maglumatyň gatnaşyjylaryň ikisi tarapyndan hem birmeňzeş düşünilýän gurşawynyň üsti bilen amala aşyrylýan bolsa.

# *Netijeli aragatnaşyk*




Islendik aragatnaşygyň netijeliligini iki ölçeg boýunça bahalandyrmak mümkin: subýektiw we obýektiw ölçegler.

*Subýektiw* ölçeg biziň duýgularymyz bilen bagly we özara hereket etmegiň netijesine biz - aragatnaşykdan soň men näme duýýaryn – diýen soraga jogap bermek arkaly baha berip bileris. Hezillik ýa-da lapykeçlik? Gahar ýa-da şatlyk? Duýgymyzy we gaýgylarymyzy, ýagny aragatnaşygyň netijesinde özümiziň ýaramaz ýa-da gowy duýýandygymyzy kesgitlänimizden soň biz üstünlige ýa-da şowsuzlyga subýektiw baha berip bileris.

*Obýektiw* ölçeg aragatnaşygyň getiren netijesi we görkezilen maksada näderejede laýyk gelýändigi bilen baglanyşykly. Bu ýerde diňe bir aragatnaşygyň maksadyny açyk kesgitläp bilmek wajyp däl-de eýsem şol maksady aragatnaşygyň ähli gatnaşyjylary üçin düşnikli we kabul ederlikli bolar ýaly etmek gerekdir.

**Netijeli aragatnaşygyň döremegine ýardam edýän başarnyklar we şahsy häsiýetler:**

- esasyny eşitmek (aýdylan we aýdylmadyk)
- aragatnaşygyň netijelerini kesgitlemek
- gysga we anyk geplemek
- maglumaty baha bermezden kabul etmek (hakyky pikirlenmek)
- aragatnaşygyň kesgitli däl stilini ulanmak
- ünsi jemlemek

***Ýumuş**: nähili pikir edýärsiňiz, dürli aragatnaşyk ýagdaýlarynda size islenilýän netijäni gazanmaga näme kömek edýär? Siziň güýçli tarapyňyz haýsy? We netijeli bolmak üçin siz nämäniň üstünde ýene-de işlemeli?*

## 1.3.-nji bölüm Aragatnaşykda şahsy netijeliligi ýokarlandyrmagyň usullary

**Söhbetdeşiňize ünsli boluň we işjeň diňlemek usullaryny ulanyň.** Mysal üçin, ýerlikli gönükdiriji we aýdyňlaşdyryjy soraglar bermeli, bu söhbetdeşiňize mümkin boldugyça takyk düşünmäge mümkinçilik berer.

**Düşnükli, gysgaça we berlen mowzugyň çäginde iň esasy zat hakda gürrüň ediň.** Munuň üçin hemişe aragatnaşygyň maksadyny üns merkezinde saklamak möhümdir. Bu size ähmiýetsiz jikme-jikliklere ünsüňizi sowmazlyga we eger söhbetdeşiňiziň esasy mowzukdan ünsüni sowsa ony wagtynda esasy mowzugyň çägine gaýtaryp getirmäge mümkinçilik berer.

**Faktlara bil baglaň.** Aragatnaşykda baha beriji garaýyşlardan, düşündirişlerden we çäklendiriji görkezmelerden gaça duruň. Faktlar barlap (bir hadysa bolup geçenmi ýa-da ýok), ölçäp (kilometrde, gramda, maliýe sanlarynda we ş.m.) bolýan zatdyr.

**Ara-alnyp maslahatlaşylýan mowzuk babatynda diňe manysy barada däl-de, duýgularyňyzy hem aýdyň.** Eger gepleşigiň netijesinden kanagatlanmadyk bolsaňyz bu barada aýdyň, aragatnaşygyň netijesi boýunça nämä ýetmek isländigiňizi hem belläň. Munuň tersine, eger gepleşigiň netijesinden kanagatlanan bolsaňyz, söhbetdeşiňize bu barada hem aýdyň. Ýadyňyzda saklaň, duýgy bilen beýan edilen söz ara-alnyp maslahatlaşylýan mowzuk babatynda siziň gyzyklanmaňyzy görkezer.

**Aragatnaşygyň üç kanalyny ýerlikli ulanyň:** dilden aýdylýan (ýazmaça we dilden), dilden aýdylmaýan (duruş, ýüz keşbi, hereket, bakyş, yşaratlar), parawerbal (sesiň äheňi, tizligi, intonasiýasy, artikulýasiýasy). Aragatnaşygyň üç kanaly hem möhümdir we üns bermegimizi talap edýär. Bu ýerde, iň esasy ölçeg, ýagny, olaryň sazlaşmasynda ýerliklilik: biziň NÄHILI görünýändigimiz biziň NÄDIP we NÄHILI gepleýändigimize laýyk gelmelidir. Mysal üçin, ýolbaşçylaryň ýygnagynda iş kostýumy esasy şertdir, dostlar bilen duşuşykda bu geýim ýerliksiz görnip biler.

**Aragatnaşygyň tehniki serişdelerini (telefon, aragatnaşyk platformalary, poçta programmalary, messenjerler) ulanyň.** Bu size has çalasyn, jogapkärli bolmaga we dürli söhbetdeşleriňiz üçin iň amatly aragatnaşyk kanallaryny saýlamaga mümkinçilik berer. Emma ýadyňyzdan çykarmaň, näçe işli bolsaňyzam, hemişe ýüzbe-ýüz duşuşmak we esasy diňleýjileriňiz bilen göni aragatnaşyk gurmak üçin bir mümkinçilik bolmalydyr.

***Ýumuş**: islendik aragatnaşyk ýagdaýyny, has gowusy köplenç içinde bolýan ýagdaýyňyzy ýada salyň. Mysal üçin, ýerli ýaşaýjylar bilen duşuşyk. Bu aragatnaşykda gatnaşygyňyzy üç kanaldan peýdalanmak nukdaýnazaryndan seljeriň - dilden aýdylýan (Siz adatça adamlara näme diýýärsiňiz? Bu olar üçin nä derejede möhüm? Siziň çykyşyňyzda olar özlerini gyzyklandyrýan soraglaryna jogap tapdylarmy?); dilden aýdylmaýan (Bu ýygnaklarda siz nähili görünýärsiňiz - näme geýýärsiňiz, saçyňyza nähili timar berýärsiňiz, aýakgabyňyz, şaý-sepler?), parawerbal (Sesiňiz adatça nähili eşidilýär? Beýikmi ýa pesmi? Ynamlymy ýa-da aljyraňňy? Monotonly ýa-da tolgundyryjy? Gepleýiş tizligi, diksiýa, sesiň çykyş güýji?). Umuman özüňizi göz öňüne getireniňizden soň, söhbetdeşiňize ýa-da diňleýjilere täsir edişiňizi güýçlendirmek üçin nämäni üýtgetmek isleýändigiňiz barada pikir ediň?*

# 2-nji Bölüm. Ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryň işlerinde strategiki aragatnaşyklar

## 2.1.-nji Bölüm Aragatnaşyk strategiýasy näme

Aragatnaşyk strategiýasy bu goşmaça strategiki resminamadyr. Ilki bilen, siziň guramaňyzyň/ taslamaňyzyň/islendik işiňiziň ösüş strategiýasy ýa-da strategiki meýilnamasy ýa-da guramaňyzyň/ taslamaňyzyň/ işiňiziň esasy maksatlaryna nädip ýetmegi meýilleşdirýändigiňizi beýan edýän başga resminamasy bolmalydyr.

Aragatnaşyk strategiýasynyň maksatlary siziň aragatnaşyk gurallaryny ulanmak arkaly ýetip biläýjek garaşylýan netijäňizi görkezýär. Olar şeýle soraga jogap berýär: "Biziň bar bolan şertlerimizi göz öňünde tutup, guramanyň/taslamanyň/işiň netijelerine ýetmek üçin aragatnaşyk maksatly diňleýjiler bilen näme edip biler?".

Aragatnaşyk strategiýasynyň “esasy” bu strategiki maksatdyr (uzak möhletli giň gerimli durmuşy, syýasy, ösüşiň maksady), aslynda ähli tagallalar oňa ýetmek üçin edilýär. Bu möhüm ýagdaý haçanda biz aragatnaşyk strategiýasynyň maksatlara ýetmek üçin umumy strategiýanyň diňe bir bölegi diýip düşünemizde has hem aýdyň bolýar. Ol siziň gyzyklanýan taraplaryňyzy maglumat bilen üpjün etmegiň ýollaryny işläp taýýarlamaga, ynandyryjy habarlary döretmäge we ýaýratmaga we gepleşikler üçin platformalary ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Şeýlelik bilen, aragatnaşyk strategiýasy özara hereket prosesiniň ähli gatnaşyjylaryň, aragatnaşyk şertleriniň we mehanizmleriniň beýanyny öz içine alýar. Ony işläp taýýarlamak bilen biz şeýle soraglara jogap berýäris: islenilýän netijä gelmek üçin nämäni, kime, haýsy şertlerde we nädip görkezmeli. Iň umumy görnüşde, aragatnaşyk strategiýasy bu daşarky we içerki gurşaw bilen maglumat we aragatnaşyk täsiri arkaly strategiki maksatlara ýetmek üçin uzak möhletleýin serişdeler boýunça deňlenen maksatnamadyr.

Guramanyň/taslamanyň/işiň maksatlaryna ýetmek üçin, olar barada netijeli we strategiki taýdan maglumat berip bilmegi başarmaly. Jemgyýetçiligiň goldawyny gazanmakda, işleýän adamlaryňyzyň ynamyny pugtalandyrmakda aragatnaşyk möhüm rol oýnaýandyr.

***Ýumuş**: öz strategiki maksatlaryňyzy okaň, olara ýetmegiňiz üçin kim bilen we haýsy aragatnaşyklar möhüm bolup biljekdigi barada pikirleniň. Siziň strategiki maksatlaryňyz barada kim bilmeli? Siz olar bilen nädip aragatnaşyk gurup bilersiňiz - haýsy kanallar arkaly, haýsy formatlarda, näçe ýygylykda? Siziň işleriňiz barada olar başga näme bilmeli? Maksatlaryňyza ýetmek üçin olar özlerini nähili alyp barmaly? Olary alyp barşyny üýtgetmäge nädip ynandyryp bilersiňiz?*

## 2.2.-nji bölüm Aragatnaşyk strategiýasynyň gurluşy

**Aragatnaşyk strategiýasynyň iş guralyna öwrülmegi üçin, ol aşakdaky ýagdaýlara laýyk gelmeli:**

1. guramanyň/taslamanyň/işiň üstünlikli bolmagy üçin siz üçin goldawy möhüm bolan adamlary anyk kesgitlemeli. Olar siziň maksatly diňleýjiňiz. Ähli esasy täsirleri siz şolara gönükdirersiňiz (bu adamlaryň kimdigini anyk bilmek üçin gyzyklanýan taraplaryň kartasyny döretmeli we täsirleriň derejesine görä olara ilkinjilik berilmeli);
2. şol adamlary gündelik tejribä girizmegi ynandyryp bilseňiz, taslamanyň netijelerine ýetmäge goşant goşup biljek özüni alyp baryş tiplerini beýan etmeli;

3. maksatly diňleýjiler üçin düşnükli we wajyp habarlary (esasy habarlary) öz içine almaly;
4. diňleýjileriň zerur göwrümini üpjün edip biljek, olar üçin amatly we tanyş boljak we ynam döredip biljek aragatnaşyk kanallaryny nähili ulanmalydygyny beýan etmeli we düşündirmeli;
5. aragatnaşyklaryň netijeliligini bahalandyrmak üçin zerur usullary we gurallary ulanmaly;
6. wagt çäklerini, möhletleri, we býujeti kesgitleýän we durmuşa geçirilmeli anyk aragatnaşyk çärelerini beýan edýän aragatnaşyk meýilnamasyny öz içine almaly.

Aragatnaşyk strategiýasynyň elementleriniň hemmesini doly beýan etmäge mümkinçilik berýän we gurluşyň elementleri bolup durýan esasy bölümler bar:

- ýagdaýyň seljermesi
- maksatlar we wezipeler
- maksatly diňleýjiler
- strategiki çemeleşmeler
- töwekgelçilikler we olary azaltmagyň strategiýasy
- aragatnaşyk meýilnamasy
- monitoring we bahalandyrma
- goşundylar




***Ýumuş**: esasy strategiki resminamaňyzy alyň we resminamanyň gurluşyny gurşap almak üçin ähli bölümlerini bir sütüne ýazyp alyň. Ony bu bölümde teklip edilýän aragatnaşyk strategiýasynyň gurluşy bilen deňeşdiriň. Haýsy bölümler umumy? Aragatnaşyk strategiýasyny taýýarlanyňyzda esasy strategiki resminamasyndaky berilýän maglumatlardan haýsysyny ulanyp bilersiňiz we nädip?*

## 2.3.-nji bölüm Ýagdaýýň seljermesi

**Ýagdaýýň seljermesi** bu üstünlikli strategiki aragatnaşyk meýilnamalaşdyryş işiniň ilkinji ädimdir, ol resminamanyň esasy bölümini we mazmunyny üpjün eder, olaryň esasynda bolsa guramaňyz öz strategiki aragatnaşyk meýilnamasyny işläp taýýarlar.

Ýagdaýýň seljermesi üçin esasy soraglar:

- Guramaňyzyň missiýasy we garaýşy nämeden ybarat?
- Işgärleri, geňeşçileri we maliýe serişdelerini goşmak bilen siziň häzirki aragatnaşyk mümkinçiligiňiz nähili?
- Guramaňyz aragatnaşyklar baradaky kararlaryny nädip kabul edýär? Guramanyň içinde maglumat alyş-çalyşygy nähili amala aşyrylýar?
- Aragatnaşyklar ulgamynda guramaňyzyň iň güýçli taraplary haýsylar? Siziň iň uly meseleleriňiz haýsylar?
- Guramaňyzyň iň gyssagly aragatnaşyk zerurlyklary haýsylar?
- Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri siziň guramaňyz we çözjek bolýan meseleleriňiz barada bilýärmi?
- Maglumatyňyzy kabul edijiler kimler?

Ýagdaýy öwrenmäge kömek edip biljek ýene-de bir gurala – **SWOT-seljermesi**[1] diýilýär, ol ýagdaýy dört tarapdan kesgitleýär: guramanyň güýçli we gowşak taraplary, mümkinçilikleri we howplar – netijeli aragatnaşyk nukdaýnazaryndan.

Güýçli we gowşak taraplar bu hemişe guramaňyzyň ýagdaýy barada maglumatdyr. Olary beýan etmek üçin, iň bolmanda işiňiziň soňky ýylyny ýatlaň - üstünlikler, ýetilen sepgitler, şowsuzlyklar, yza galmalar, we ýitirilen wagtyň öwezini dolmalar; soňra olary şowly ýa-da şowsuz aragatnaşyklar nukdaýnazaryndan seljeriň.

Howplar we mümkinçilikler – daşky gurşawyň siziň işleriňize edýän täsiri, şeýle hem olara garşy durmak üçin eliňizde bar bolan usullar ýa-da maksatlaryňyza ýetmek üçin olary nädip ulanýandygyňyz.

Daşky gurşawy aşakdaky ugurlar boýunça seljerip bilersiňiz (ýöne diňe bular däl):

- global, sebitleýin we ýerli meseleler ýa-da üstünlikler
- ösüşiň esasy ugurlary, ylmyň ýa-da jemgyýetiň gazananlary
- sanly gurşawyň we tehnologiýalaryň mümkinçilikleri we çäklendirmeleri
- kanunçylyk
- jemgyýetçilik üýtgeşmeleri
- daşky gurşaw

---

[1] ***SWOT-seljerme*** *— guramanyň içerki we daşarky gurşawynyň faktorlaryny kesgitlemekden we olary dört kategoriýa bölmekden ybarat bolan strategiki meýilnamalaşdyryş usuly: 1)* ***S****trengths (güýçli taraplar), 2)* ***W****eaknesses (gowşak taraplar), 3)* ***O****pportunities (mümkinçilikler) we 4)* ***T****hreats (howplar)*

Ýagdaýy dört tarapdan seljereniňizden soň, siz ýene bir SWOT-**sintez** diýlip atlandyrylýan guraly ulanyp bilersiňiz. Munuň üçin dürli bloklaryň kesişýän ýerinde aragatnaşyk çözgütlerini tapmaga synanyşyň:

- güýçli taraplar we mümkinçilikler: mümkinçiliklerden peýdalanmak üçin içerki güýçli taraplary ulanmak
- güýçli taraplar we howplar: howplary azaltmak üçin güýçli taraplaryňyzy ulanmak
- gowşak taraplar we mümkinçilikler: mümkinçiliklerden peýdalanyp gowşak taraplary gowulandyrmak
- gowşak taraplar we howplar: howplardan gaça durmak üçin gowşak taraplary aradan aýyrmagyň üstünde işlemek

***Ýumuş***: *ýagdaýyň seljermesini geçirmezden ozal aragatnaşyk işleriňiziň retrospektiwasyny geçiriň we birnäçe soraga jogap beriň: Geçen ýylda guramaňyzda bolup geçen wakalaryň haýsysy sizde täsir galdyrdy? Bir zatlar bolmalysy ýaly bolmanda nähili negatiw pursatlar boldy? Bu döwürde nämeler öwrendiňiz? Indiki döwürde nämeleri gaýtalamak isleýärsiňiz? Indiki gezek nämäni başgaça etmeli?*

## 2.4.-nji bölüm Aragatnaşyk strategiýasynyň maksatlary we wezipeleri

Aragatnaşyk strategiýasynyň maksatlarynyň we wezipeleriniň kesgitlenilmegi siziň geljekki aragatnaşyk işleriňiziň esasy bolup hyzmat eder, siziň kanagatlandyrjak bolýan tamalaryňyzy düzer, gerekli serişdeleri mukdar taýdan bahalandyrmaga we aragatnaşyk çärelerini meýilleşdirmäge kömek eder. Maksatlar we wezipeler anyk we maksatly bolmaly.

Ýatdan çykarmaň - aragatnaşygyň maksatlary durmuşdaky üýtgeşmeler we maksatly diňleýjileriň işleri bilen baglydyr, olar özüňi alyp barmagyň, başarnyklaryň, bilimleriň, syýasatyň, kadalaryň ýa-da belli bir meselä garaýyşlaryň derejesinde bolup biler.

***Aragatnaşygyň maksady – üýtgemelerdir***

*Bilimler*



*Özüni alyp barşy*

*Garaýyş*





Aragatnaşyk maksatlary aşakdakylary berkidýär:

- maksatly diňleýjileriň özüni alyp barşynda, jemgyýetçilik kadalarynda ýa-da syýasatda islenilýän üýtgeşme we “Biz näme isleýäris?” diýen soraga jogap berýär ”
- çak edilýän üýtgeşmeler we "Bu üýtgeşiklik belli bir adamlara, toparlara we jemgyýete nähili täsir eder?"
- üýtgeşmeler üçin gerekli wagt çäkleri we "Bu üýtgeşmeler bize haçan gerek?" diýen soraga jogap berýär.

Aragatnaşyk maksady aragatnaşyk gurallaryny laýyk derejede ulanmak bilen aragatnaşyklaryň netijesinde biziň haýsy netijäni almak isleýändigimize düşünmäge mümkinçilik berýär. Diňe üç sany täsirler bar:

- siziň işiňiz/guramaňyz barada habarlylyk
- siziň işiňize/guramaňyza garaýyş
- siziň işiňize/guramaňyza gatnaşmak niýeti

Maksady hemişe ölçäp bolýar (wagt boýunça, mukdarda, hili boýunça). Aragatnaşyklarda gowy düzülen maksatlary **SMART** şkalasy boýunça ölçäp bolýar *(**S** - Specific / Anyk, **M** - Measurable / Ölçäp bolýan, **A** - Actionable / Hereketler arkaly gazanylan, **R** - Realistik / Hakyky, **T** - Time specific / Belli bir wagt talap edýän).*

***Ýumuş**: maksatlaryňyzy ýene bir ölçeg boýunça barlaň - olar siziň jogapkärçiligiňiziň çägindemi? Oňa ýetmek üçin siz we siziň guramaňyz doly jogapkärçilik çekip bilermi? Eger maksadyňyza ýetmegiň beýleki guramalara ýa-da adamlara has köp baglydygyny görseňiz, maksadyňyzyň täze kesgitlemesi barada pikirleniň.*

## 2.5. - nji bölüm  Maksatly diňleýjiler

Diňleýjiler babatynda aýdylanda, ilki bilen şeýle zada düşünmeli: guramanyň / taslamanyň / işiň üstünlik gazanmagy üçin kimiň goldawy has möhüm? Muňa düşüneniňizden soň, siz öz aragatnaşyk tagallalaryňyzy şol toparlar bilen işleşmäge gönükdirip bilersiňiz.



Maksatly diňleýjileriň kimdigine düşünmeklik aşakdaky ýagdaýlara mümkinçilik berer:

- şol topar bilen aragatnaşyk gurmak üçin dogry kanaly ulanmaga
- aragatnaşygyň netijeli formaty, žanryny we stilistikasyny saýlamaga
- aragatnaşygyň täsirlerini we töwekgelçilikleri meýilleşdirmäge we hasaplamaga
- degişli mahabat mehanizmlerini guramaga

Diňleýjileriň toparlara bölünmegi strategiki aragatnaşygyň derwaýys ýagdaýy bolup durýandyr. Diňe adamlaryň akyl ýetirmek, höweslenmek we özüni alyp barmak aýratynlyklaryna düşünmek arkaly netijeli aragatnaşygy gurnamak mümkindir.  Diňleýjileri başlangyç, ikinji derejeli we üçünji derejeli toparlara bölmek bolar.

Başlangyç topara degişli diňleýjiler - taslamanyň maksatlaryna ýetmek üçin bu adamlaryň özüni alyp barşy üýtgemeli. Ikinji derejeli topara degişli diňleýjiler – öz alyp barşlaryny üýtgetmek kontekstinde başlangyç topardaky adamlara gönüden-göni täsir edýän adamlar. Üçünji derejeli topara degişli diňleýjilere liderlik häsiýetine eýe bolan, üýtgetmelere gönükdirip biläýjek serişdeleri bolan, we özüne çekijiligi ýa-da adamlaryň ynanmagy sebäpli ynandyrmak ukyby bolan adamlar degişlidir.

**Diňleýjileriň toparlara bölünmegi**



> ***Ýumuş***: *öz işiňiz üçin başlangyç, ikinji derejeli we üçünji derejeli toparlara degişli diňleýjileriň kimdigini kesgitlemäge synanyşyň. Olar siz üçin öňden tanyş diňleýjilermi we siz olar bilen öň işläp gördüňizmi?*

## 2.6.-nji bölüm Aragatnaşyklarda strategiki çemeleşmeler

Strategiki aragatnaşyk çemeleşmeleri aragatnaşyk strategiýasynyň maksatlaryna nädip ýetiljekdigini beýan edýär. Ýagny, aragatnaşyk gatyşmalaryň haýsy anyk çärelere giriziljekdigini, bu çäreleriň bir hereketler meýilnamasyna nädip düzüljekdigini beýan edýär, mysal üçin maglumat kampaniýasyna ýa-da dürli maglumat platformalarynda durmuşa geçirilip bilner. Bu ýerde esasy zat, öz maksatly diňleýjileriňizi we olaryň media sarp ediş endiklerini bilmekdir.

Şeýlelik bilen, aragatnaşyk strategiýasy maksatlaýyn topar bilen hyzmatdaşlaryň arasynda tagallalaryň yzygiderliligini we utgaşdyrmany, şeýle hem geçirilýän üýtgeşmeleriň sinergiýasyny üpjün edýän

birnäçe strategiki aragatnaşyk çemeleşmelerini öz içine alyp biler. Strategiki çemeleşmeler bir wagtda ýa-da tapgyrlaýyn meýilleşdirilip bilner.
Strategiki çemeleşmelere degişli mysallar aşakdakylary öz içine alýar (ýöne olar bilen çäklenmeýär):

- wagyz-nesihat işi (iňlis sözünden advocacy, *jemgyýetçilik kompaniýasy*)
- brending işine üns bermek
- göni aragatnaşyklar (duşuşyklar, şahsyýetleriň arasyndaky aragatnaşyk)
- jemgyýetleriň mobilizasiýasy
- jemgyýetçilik KHBS
- adaty KHBS
- täze KHBS (sosial torlar, messenjerler)
- maksatly diňleýjileriň mümkinçiliklerini artdyrmak
- maksatly diňleýjileri taýýarlamak
- maksatly diňleýjiler bilen maslahatlaşmalar
- täsir edijiler (bloggerler, wlogerler, sosial torlardaky hasaplaryň eýeleri)
- daşky (“autdor”) mahabat (bannerler, graffiti we ş.m.)
- çap edilýän materiallar we ş.m.

***Ýumuş**: siziň pikiriňizçe özüňize laýyk gelýän birnäçe strategiki aragatnaşyk çemeleşmelerini saýlaň we aşakdaky jetweli ulanyp, maksatly diňleýjileriňiz üçin olaryň näderejede laýykdygyny seljeriň.*

***"Aragatnaşykda maksatly diňleýjiler üçin strategiki çemeleşmeler" jetweli***

| **Strategiki çemeleşme** | **Beýany** | **Artykmaçlyklary** | **Ýetmezçilikleri** |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |

## Aragatnaşyk maksatlaryna ýetmek üçin strategiki çemeleşmeler




## Aragatnaşyk maksatlaryna ýetmek üçin strategiki çemeleşmeler



## Aragatnaşyk maksatlaryna ýetmek üçin strategiki çemeleşmeler




## 2.7.-nji bölüm Aragatnaşyk meýilnamasy

**Aragatnaşyklar meýilnamasy** - aragatnaşyk strategiýasyny durmuşa geçirmek üçin hereketler meýilnamasy. Ol öz maksatlaryna ýetmek üçin gönükdirilen anyk çäreleri öz içine alýar.

Meýilnamanyň gurluşy dürli faktorlar bilen kesgitlenýär (haýsy maksatlar, maksatly diňleýjiniň aýratynlygy näme, nähili strategiki aragatnaşyk çemeleşmeleri we ş.m.) we aşakdaky bölümleri öz içine alyp biler:

- göni aragatnaşyklaryň meýilnamasy (ilat bilen duşuşyklar, geňeşmeler, köpçüligiň öňünde çykyş etmeler we ş.m.)
- media aragatnaşyklaryň meýilnamasy (media bilen özara hereket etmek - metbugat konferensiýalary, media gezelençleri, metbugat klublary, press-relizler we ş.m.)
- okuw meýilnamasy (tälim okuwlary, seminarlar, barlaghanalar we ş.m.)
- mazmun öndürmek meýilnamasy (sosial torlar, wideo, audio, çap ediliş materiallary, daşarky mahabat we ş.m. üçin mazmun meýilnamasy)
- maglumat toplamak we monitoring etmek meýilnamasy (aragatnaşyklaryň netijeliligini ölçemek üçin meýilleşdirýän çärelerimiz – soraşmalar, KHBS monitoring, fokus toparlary we ş.m.)
- krizis aragatnaşyk meýilnamasy (aragatnaşyk strategiýasynyň durmuşa geçirilmegine näme päsgelçilik döredip biljek we bu töwekgelçiliklerden nädip gaça durup bilersiňiz)

***Ýumuş**: Adaty aragatnaşyk çäreleriňiziň sanawyny düzüň. Ilki bilen olaryň Aragatnaşyklar meýilnamasynyň gurluşynyň haýsy bölümine degişlidigini kesgitläň. Soňra her çäräni aşakdaky aragatnaşyk meýilnamasynyň matrisasy jetweliniň bölümleri boýunça beýan ediň, ol möhletleri, jogapkärleri, strategiýany durmuşa geçirmegiň görkezijilerini yzarlamaga we haýsy maksatlara*

*ýetýändigimize düşünmäge mümkinçilik berer (Jetwele serediň).*

**«Aragatnaşyk meýilnamasynyň matrisasy» Jetweli**

| # | Çäre /işjeňlik /önüm | Jogapkär taraplar (adam, gurama) | Möhletler | Garaşylýan netijeler (görkezijiler) | Strategiýanyň haýsy wezipesine ýetilýär<br><br>*Beýleki teswirler – eger bar bolsa (mysal üçin - goşmaça býujet, tehniki goldaw, düşünjäniň möhüm mazmun elementleri we ş.m. gerek)* |
|---|---|---|---|---|---|




## 2.8.-nji bölüm  Monitoring we bahalandyrma

Aragatnaşyk işleriňiziň näderejede netijelidigine düşünmek we bahalandyrmak üçin monitoring etmek we bahalandyrmak boýunça hereketleri meýilleşdirmek möhümdir. Bu ýerde dürli gurallary ulanmakda toplumlaýyn çemeleşme we dürlülik gerek.

**Monitoringiň we bahalandyrmagyň netijeleri boýunça hasabatynyň 4 bölekden ybarat bolmagy maslahat berilýär:**

- mukdar taýdan görkezijiler (aragatnaşyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň esasynda)
- Internet statistikasy (Internet-serişdeleriňiziň we sosial torlardaky hasaplaryňyzyň işiniň

seljermesi esasynda)

- maksatly diňleýjilerden soraşmalaryň netijeleri
- häzirki aragatnaşyk strategiýasynyň ýerine ýetiriş meýilnamasyny üýtgetmek we sazlamak üçin teklipler

*Ýerine ýetirmegiň mukdar taýdan netijeleri*

Görkezijiler Aragatnaşyk meýilnamasyna girýär (ýokardaky «Aragatnaşyk meýilnamasynyň matrisasy» Jetweliniň “Garaşylýan netijeler” sütünine serediň), olar ýerine ýetirilişi barada umumy maglumatlary berýär. Bu öndürilen mazmunyň, çäreleriň, duşuşyklaryň, gatnaşyjylaryň we ş.m. mukdary bolup biler.

*Internet statistikasy*

Maglumatlaryň çeşmesi – siziň onlaýn serişdeleriňizdir. Ol aşakdaky görkezijileri öz içine alyp biler:

- sahypa girýänleriň sany
- sosial torlardaky abunaçylaryň sany
- saýtda seslenme hyzmatynyň bar bolmagy we işleýşi
- sosial torlarda agzalaryň gatnaşygynyň görkezijileri (teswirler, “paýlaşmak” düwmesi)
- internetdäki görüşleriň sany
- sosial torlarda hatlaryň we teswirleriň seljermesi
- keseki internet ulanyjylar tarapyndan maglumat ýaýratmalaryň sany
- saýtdaky seslenme kanallary arkaly işlenilen we ugradylan ýüz tutmalaryň sany

*Maksatly diňleýjileriň soraşmasy*

Aragatnaşyk meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň netijeliligine baha bermek üçin maksatly diňleýjileriň täze näme öwrenendiklerini, garaýyşlaryny nädip üýtgedendiklerini (mysal üçin, kanagatlanan / kanagatlanmadyk) we nämäni başgaça edip başlandyklaryny bilmek üçin olardan soraşma geçirip bilersiňiz.

Soraşmany dürli usullar arkaly geçirip bolar: telefon arkaly, onlaýn soraşma, göni soraşma. Soraşmanyň obýekti - aragatnaşyk strategiýasynda kesgitlenen başlangyç toparyna degişli bolan maksatly diňleýjilerdir.

***Ýumuş***: *Aragatnaşyk işleriňiziň netijesinde maksatly diňleýjileriň bilimleriniň näderejede üýtgändigini bilmek üçin soraglar düzüň. Haýsy soraglar size olaryň guramaňyza bolan garaýyşlarynyň üýtgändigini ýa-da üýtgemändigini bilmäge mümkinçilik berer?*

## Netije

Bu amaly gollanmanyň esasy maksady serhetýaka sebitlerinde ýerli derejeli döwlet edaralarynyň wekillerine aragatnaşygy has netijeli we yzygiderli gurmaga, aragatnaşyk çärelerini amala aşyrmaga, şeýle hem işleýän ýerlerinde ýaşaýan ilata maglumat hyzmatlaryny yzygiderli ýagdaýda bermäge kömek etmekden ybaratdyr.

Bu Gollanma "aragatnaşyk we onuň meýilnamalaşdyrylşy" düşünjesini aýdyňlaşdyrýar, islenilýän netijäni gazanmak maksady bilen aragatnaşygyň esasy ýörelgelerini ulanmak barada jikme-jik maglumatlary, şeýle hem netijeli aragatnaşygyň gurnalmagyna ýardam edýän şahsy we hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen aragatnaşyk we maglumat çärelerini meýilleşdirmek boýunça ädimme-ädim görkezmeleri öz içine alýar.

Esasy ýörelgeleriň iň möhümleri aşakdakylardyr:

- √ **Aragatnaşyk -** bu iki ýa-da ondan köp adamlaryň arasynda maglumat alyşmak **prosesi**.
- √ **Netijeli aragatnaşyk** - islenilýän netijä ýetmek maksady bilen maglumaty kabul edijä ýetirip bilmek ukyby.
- √ **Aragatnaşyk strategiýas**y bu goşmaça strategiki resminamadyr. Ilki bilen, siziň guramaňyzyň/ taslamaňyzyň/islendik işiňiziň ösüş strategiýasy ýa-da strategiki meýilnamasy ýa-da guramaňyzyň/ taslamaňyzyň/ işiňiziň esasy maksatlaryna nädip ýetmegi meýilleşdirýändigiňizi beýan edýän başga resminamasy bolmalydyr.
- √ **Aragatnaşygyň maksatlary** durmuşdaky üýtgeşmeler we maksatly diňleýjileriň işleri bilen baglydyr, olar özüňi alyp barmagyň, başarnyklaryň, bilimleriň, syýasatyň, kadalaryň ýa-da belli bir meselä garaýyşlaryň derejesinde bolup biler.
- √ **Maksatly diňleýjilere** - taslamanyň maksatlaryna ýetmek üçin öz alyp baryşlary üýtgemeli, öz alyp baryşlaryny üýtgetmek kontekstinde başlangyç topardaky adamlara gönüden-göni täsir edýän, we liderlik häsiýetine eýe bolan, üýtgetmelere gönükdirip biláýjek serişdeleri bolan, we özüne çekijiligi ýa-da adamlaryň ynamy sebäpli ynandyrmak ukyby bolan adamlar degişlidir.
- √ **Aragatnaşyk strategiýasynda strategiki çemeleşmeler** - maksatlaýyn topar bilen hyzmatdaşlaryň arasynda tagallalaryň yzygiderliligini we utgaşdyrmany, şeýle hem geçirilýän üýtgeşmeleriň sinergiýasyny üpjün edýän birnäçe strategiki aragatnaşyk çemeleşmelerini öz içine alyp biler.
- √ **Aragatnaşyklar meýilnamasy** - aragatnaşyk strategiýasyny durmuşa geçirmek üçin hereketler meýilnamasy. Ol öz maksatlaryna ýetmek üçin gönükdirilen anyk çäreleri öz içine alýar.

Taslama topary we bilermenler bu gollanmany serhetaşa hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we *yzygiderli ýagdaýda* adam hukuklaryna, gender deňligine we gowşak goragly toparlara üns bermek bilen ýerli ykdysady ösüş arkaly serhetýaka sebitlerinde ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen ýerli häkimiýetleriň wekilleri üçin iň gerekli maglumat kitabyna öwrüler diýen umyt bilen işläp taýýarladylar. Şeýle-de bolsa, seminara gatnaşyjylaryň şeýle hem serhetaşa hyzmatdaşlygy we Merkezi Aziýanyň serhetýaka sebitlerinde ýaşaýan adamlaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak üçin ýerli dolandyryş edaralarynda işleýänleriň hemmesiniň goşantlary bu resminamanyň işlenip düzülmeginiň iň esasy maksady bolar.

## Goşmaça çeşmeler

### *Adalgalar*

Aşakdaky maglumat kitapçalarynda migrasiýa proseslerine köp sezewar bolýan serhetýaka sebitlerde işleýän ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary üçin möhüm bolan migrasiýa pudagyndaky dogry adalgalar düşündirilýär.

*Migrasiýa barada maglumat: ICMPD 2020 žurnalistler üçin migrasiýa barada maglumat kitapçasy. https://www.icmpd.org/file/download/54466/file/RU_Momenta%2520Handbook.pdf ssylka boýunça elýeterlidir.*

*Migrasiýa pudagynda adalgalar boýunça maglumat kitapçasy, IOM 2011. https://publications.iom.int/system/files/pdf/handbook_on_migration_terminology.pdf ssylka boýunça elýeterlidir.*

## MERKEZI AZIÝADA SERHETLERI DOLANDYRMAK BOÝUNÇA MAKSATNAMASY

Merkezi Aziýada sebitleýin edarasy

Işewürlik merkezi 79
Ofis 1003
Isanow köçesi, 79
Bişkek,
720001 Gyrgyzystan Respublikasy

Tel.: +996 312 97 50 91
*bomca@icmpd.org*

www.bomca-eu.org

**Biziň alyp barýan işlerimiz barada sosial torlardan öwrenip bilersiňiz**

imo

***@BOMCAPROGRAMME***